#116 (138)
среда, 15 марта 2023 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана


# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



2023-nji ýylyň 3-nji martynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň geçen iki aýynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklarynda alnyp barlan işleriň jemi jemlenildi, degişli ýolbaşçylaryň hasabatlary diňlenildi, döwlet durmuşynyň beýleki käbir möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibini yglan edip, ilki bilen, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradowa söz berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, wise-premýere we beýleki degişli ýolbaşçylara dünýädäki ýagdaýlary gözegçilikde saklap, alnyp barylýan işleri has-da güýçlendirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Begliýew gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, uglewodorod serişdeleriniň çykarylýan möçberini artdyrmak boýunça toplumlaýyn çäreleri görmegiň, kärhanalaryň taslama kuwwatynda işledilmegini üpjün etmegiň zerurdygyny nygtady.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gurluşyk we senagat toplumynyň, "Türkmenhimiýa" döwlet konserniniň, Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentliginiň hem-de Aşgabat şäher häkimliginiň şu ýylyň iki aýynda ýerine ýetiren işleriniň jemleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, şu ýyl kabul edilen maýa goýum Maksatnamasynda dürli desgalary gurup ulanmaga bermek boýunça örän köp çäreleriň göz öňünde tutulandygyny we bu işleri çaltlandyrmagyň zerurdygyny belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew gözegçilik edýän söwda we dokma toplumlarynyň, telekeçilik ulgamynyň şu ýylyň iki aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň bazarlarynda we söwda nokatlarynda azyk önümleri hem-de halkyň sarp edýän harytlary bilen üpjünçiligi durnukly ýagdaýda saklamagyň, şu möwsümde gök önümleriň, beýleki azyk harytlarynyň nyrhlarynyň esassyz ýokarlandyrylmagyna ýol berilmezliginiň zerurdygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýere azyk harytlary bilen yzygiderli üpjünçiligi gazanmak üçin zerur çäreleri görmek tabşyryldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow gözegçilik edýän ulgamlarynda Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň iki aýynda bilim, ylym, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow raýatlaryň saglygyny goramaga, ýiti ýokanç we ýokanç däl, dowamly hem-de möwsümleýin keselleriň öňüni almaga aýratyn üns bermegiň zerurdygyny nygtady. Bellenilişi ýaly, şunuň bilen baglylykda, meýilleşdirmek boýunça çäreleri yzygiderli geçirip durmaly. Lukmançylyk gurallarynyň we derman serişdeleriniň elýeterliligini üpjün etmek möhümdir.

Soňra Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň iki aýynda ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe toplum boýunça ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň ösüş depgini 122 göterime deň boldy. Awtomobil, demir ýol, howa, deňiz we derýa ulaglary arkaly ýük daşamagyň ösüş depgini 105,2 göterime, ýolagçy gatnatmagyň ösüş depgini bolsa 106,3 göterime barabar boldy. Ýanwar-fewral aýlarynda "Türkmendemirýollary" agentligi boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmegiň ösüş depgini 103,7, "Türkmenawtoulaglary" agentligi boýunça 128,5, "Türkmenhowaýollary" agentligi boýunça 289,6, "Türkmendeňizderýaýollary" agentligi boýunça 108,4, "Türkmenaragatnaşyk" agentligi boýunça 111 göterime deň boldy.

Hasabat döwründe "Türkmenaragatnaşyk" agentligi bilen BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň arasynda "Türkmenistanda pudagara elektron maglumat alşygy ulgamynyň ornaşdyrylmagyna ýardam bermek hakynda" Taslama resminamasyna gol çekildi. Şeýle hem ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ulag-aragatnaşyk toplumyna degişli önümçilik we durmuş maksatly desgalaryň gurluşygynyň dowam edýändigi barada habar berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýolagçy we ýük gatnawlaryny ösdürip, üstaşyr hem-de halkara ýükleriň daşalýan möçberini artdyrmagyň wajypdygyna ünsi çekdi. Pudaga sanly ulgamy giňden ornaşdyrmagy dowam etmek zerurdyr diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady. Döwlet Baştutanymyz «Balkan» gämigurluşyk we abatlaýyş zawodynyň işi barada aýdyp, häzirki zaman gämileriniň gurluşygyny ýola goýmak üçin netijeli işleri alyp barmagyň zerurdygyny nygtady we agentligiň ýolbaşçysyna birnäçe tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa gözegçilik edýän ulgamynda şu ýylyň başyndan bäri alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, ýanwar-fewral aýlarynda dürli maslahatlar, döredijilik duşuşyklary, mediaforumlar, sergiler, wagyz-nesihat we aýdym-sazly medeni çäreler geçirildi. Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli dürli çäreler guraldy, döredijilik bäsleşikleri yglan edildi.

Ýurdumyzyň birnäçe muzeýlerinde "wirtual muzeý" taslamasy işe girizildi. Türkmen hünärmenleri daşary ýurtlaryň birnäçesinde iş saparlarynda boldular. Hormatly Prezidentimiziň Bahreýn Patyşalygyna amala aşyran resmi saparynyň dowamynda Manama şäherinde Miras bilen baglanyşykly senetçilik we däp-dessurlar babatda özara düşünişmek hakynda Ähtnama hem-de 2023 — 2027-nji ýyllar aralygynda Medeniýet babatda hyzmatdaşlygy ýerine ýetirmegiň Maksatnamasyna gol çekildi.

Şeýle hem wise-premýer Aşgabatda geçirilen, sungatyň dürli ugurlarynda türkmen we daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň tejribe alyşmagyna, medeniýetleriň özara baýlaşmagyna ýardam edýän halkara çäreleriň birnäçesi barada durup geçdi. Ýurdumyzyň gazanýan üstünlikleri hem-de amala aşyrylýan özgertmeler baradaky maglumatlar metbugat sahypalarynda, teleradioýaýlymlarda, internet saýtlarynda giňden beýan edildi. Döwlet maksatnamalaryndan we sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyndan gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek boýunça degişli işler alnyp baryldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, taýýarlanylýan teleradio gepleşikleriniň hilini ýokarlandyrmak, milli taryhy-medeni mirasymyzyň desgalaryny gorap saklamak üçin zerur işleri yzygiderli geçirip durmagyň wajypdygyny nygtady we bu babatda wise-premýere anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz ýaz we tomus möwsümleriniň başlanmagy bilen, medeniýet edaralary, teatrlar, Döwlet sirki tarapyndan medeni-köpçülik çärelerini, konsertleri, teatrlaşdyrylan sahnalary yzygiderli guramagyň, çagalar üçin goýulýan sahna eserleriniň hem-de çykyşlaryň sanyny artdyrmagyň möhümdigine ünsi çekdi. Teleradio gepleşikleri arkaly bu eserleri giňden wagyz etmek zerurdyr diýip, hormatly Prezidentimiz wise-premýere anyk görkezmeleri berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň iki aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri, oba hojalygy pudagynda özgertmeleriň geçirilişi we ýurdumyzyň sebitlerinde möwsümleýin oba hojalyk işleriniň alnyp barlyşy barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe oba hojalyk toplumynda, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, önümçiligiň ösüş depgini 103,8 göterime deň boldy. Bu görkeziji Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi boýunça 105,2 göterime, "Türkmen atlary" döwlet birleşigi boýunça 101 göterime barabar boldy. Maýa goýumlary özleşdirmegiň meýilnamasy 138,1 göterim ýerine ýetirildi. Hasabat döwründe bugdaý ununy öndürmegiň ösüş depgini 106,3 göterime, süýt we süýt önümleriniň öndürilişiniň ösüş depgini 113,8 göterime deň boldy. Şeýle hem oba hojalyk ekinlerini haşal otlardan we zyýankeşlerden goramak üçin amala aşyrylýan işler barada aýdyldy.

Ýurdumyzyň ekin meýdanlarynyň suw bilen üpjünçiligini gowulandyrmak, suw serişdelerini netijeli hem-de rejeli ulanmak maksady bilen, degişli gidrotehniki işler ýerine ýetirilýär.

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ БОЛГАРИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Болгария господину Румену Радеву в связи с национальным праздником страны – Днём освобождения.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства адресовал Президенту Румену Радеву пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Болгарии – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕДСЕДАТЕЛЯ ПРАВИТЕЛЬСТВА РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Председателю Правительства Российской Федерации Михаилу Мишустину по случаю дня рождения.

Подчёркивая личное внимание и последовательную поддержку российского премьера развитию двусторонних отношений, глава государства выразил твёрдую уверенность в их дальнейшем неуклонном укреплении в интересах народов обеих стран.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов адресовал Председателю Правительства РФ искренние пожелания крепкого здоровья, долголетия, неиссякаемой энергии и большого семейного счастья

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ИЗБРАННОГО ПРЕЗИДЕНТА СОЦИАЛИСТИЧЕСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ВЬЕТНАМ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания г-ну Во Ван Тхыонгу по случаю его избрания на пост Президента Социалистической Республики Вьетнам.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил Президенту Во Ван Тхыонгу пожелания крепкого здоровья, энергии, а также больших успехов во всех начинаниях и делах, нацеленных на прогресс и процветание народа Социалистической Республики Вьетнам.

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕДСЕДАТЕЛЯ ПРАВИТЕЛЬСТВА РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил тёплые поздравления и самые лучшие пожелания Председателю Правительства Российской Федерации Михаилу Мишустину по случаю дня рождения.

С удовлетворением констатируя последовательный характер развития стратегического партнёрства между двумя странами, Герой-Аркадаг подчеркнул значение недавнего официального визита Премьер-министра России в Туркменистан и состоявшихся в его рамках переговоров и бизнес-форума в качестве важного этапа в расширении туркмено-российского взаимовыгодного сотрудничества и выразил убеждённость в его дальнейшем успешном развитии на основе лучших традиций дружбы и доверия.

Пользуясь этой приятной возможностью, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана адресовал Председателю Правительства РФ искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов в ответственной государственной деятельности

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI AZERBAÝJAN RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTI BILEN DUŞUŞYK GEÇIRILDI



2023-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew bilen Baku şäherinde duşuşyk geçirdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow şu sammite gatnaşmaga çakylygy, mähirli kabul edendigi we myhmansöýerligi üçin minnetdarlyk bildirip, Prezident Ilham Aliýewe türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň mähirli salamyny ýetirdi. Döwlet Baştutany şu günki duşuşygyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary dürli ugurlarda mundan beýläk-de ösdürmäge täze itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Dostlukly döwletiň Baştutany türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowa mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan edip, Azerbaýjanyň Türkmenistan bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmäge hemişe uly üns berýändigini belledi.

Duşuşygyň dowamynda söhbetdeşler Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň syýasat, ykdysadyýet, söwda, ynsanperwer ulgamlarda ýokary derejedäki ýola goýlan döwletara gatnaşyklary ösdürmek ugrunda bilelikdäki tagallalary edýändiklerini kanagatlanma bilen nygtadylar.

Sebit we ählumumy gün tertibiniň esasy meseleleri boýunça pikir alyşmalaryň çäklerinde, Döwlet Baştutanlary häzirki döwrüň möhüm meseleleri, ählumumy parahatçylygy saklamak we goldamak, halkara terrorçylygyň wehimlerine garşy göreşmek, durnukly energetika, ulag ulgamlaryny üpjün etmek, suw howpsuzlygy, daşky gurşawy goramak we howanyň üýtgemegi ýaly meselelerde özara düşünişmegiň bardygyny bellediler. Şunuň bilen birlikde, taraplar häzirki zamanyň şu we beýleki meselelerini sebit derejesinde çözmekde hyzmatdaşlygyň köptaraplaýyn ugurlarynyň döwrebap hem-de netijeli ugurlar bolup durýandygyny tassykladylar.

Söwda-ykdysady gatnaşyklar döwletara hyzmatdaşlygyň örän möhüm ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Bu gatnaşyklar ýokary depginde ösdürilýär.

Prezidentler Serdar Berdimuhamedowyň we Ilham Aliýewiň nygtaýyşlary ýaly, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk türkmen-azerbaýjan gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Söhbetdeşler saglygy goraýyş we bilim, syýahatçylyk ulgamlarynda gatnaşyklaryň möhümdigini bellediler.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýer kadastryny döretmek we ýurdumyzda suw üpjünçilik ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri güýçlendirmegiň zerurdygyny belledi we bu babatda wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow şu ýylyň iki aýynda Daşary işler ministrligi tarapyndan alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugruny durmuşa geçirmek, ikitaraplaýyn görnüşde, abraýly sebit we halkara guramalaryň hem-de düzümleriň çäklerinde köpugurly hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça işler yzygiderli geçirildi.

Netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmekde ýokary derejedäki saparlara hem-de gepleşiklere aýratyn ähmiýet berilýär. Ýylyň başyndan bäri hormatly Prezidentimiz Hytaý Halk Respublikasyna, Bahreýn Patyşalygyna we Azerbaýjan Respublikasyna döwlet, resmi we iş saparlaryny amala aşyrdy. Döwlet Baştutanymyz birnäçe ýurtlaryň ýolbaşçylary bilen telefon arkaly söhbetdeşlikleri hem geçirdi.

Şu ýyl meýilleşdirilen halkara çärelere taýýarlyk görmek boýunça degişli işler alnyp barylýar.

Şeýle hem fewral aýynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Birleşen Arap Emirliklerine sapary amala aşyrandygy bellenildi.

Parlamentara gatnaşyklary işjeňleşdirmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, ýanwar aýynda Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Döwlet Dumasynyň Başlygynyň ýolbaşçylygyndaky parlament wekiliýetiniň Aşgabatda saparda bolandygy bellenildi.

Hasabat döwründe sanly ulgam arkaly dürli derejedäki duşuşyklaryň 89-sy geçirildi. Ýylyň başyndan bäri Türkmenistanda daşary ýurt döwletleri we halkara guramalar bilen bilelikde resmi gepleşikleriň hem-de duşuşyklaryň 175-si guraldy. Ýanwar-fewral aýlarynda ýurdumyzyň daşary ýurtly hyzmatdaşlary bilen gatnaşyklarynyň şertnama-hukuk binýadynyň üsti 71 sany resminama bilen ýetirildi. Daşary syýasat edaralarynyň ugry boýunça ikitaraplaýyn duşuşyklar we geňeşmeler yzygiderli geçirilýär. Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmek babatda bilelikdäki hökümetara toparlaryň mejlislerini, işewürlik maslahatlaryny guramak boýunça işler amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, golaýda bolup geçen möhüm ähmiýetli waka — BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýurdumyzyň başlangyjy boýunça "Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny" atly Kararnamany biragyzdan kabul edendigine ünsi çekdi. Munuň özi Bitarap döwletimiziň alyp barýan daşary syýasatynyň netijelidigini ýene-de bir gezek aýdyň görkezdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz bu şanly waka bilen mähriban halkymyzy we mejlise gatnaşyjylary, şeýle hem sebit merkeziniň ähli dostlukly işgärlerini ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlady.

Mejlisiň Başlygy G.Mämmedowa milli parlamentiň şu ýylyň başyndan bäri ýerine ýetiren işleriniň jemleri barada maglumat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ýurdumyzy durmuş-ykdysady we medeni taýdan mundan beýläk-de ösdürmäge, türkmenistanlylaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen giň möçberli maksatnamalar we taslamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär. 2023-nji ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda kanun çykaryjylyk işini kämilleşdirmek boýunça degişli işler alnyp baryldy, Türkmenistanyň Konstitusion kanunlarynyň 3-si we Mejlisiň kararlarynyň 6-sy kabul edildi. Häzirki wagtda hereket edýän kanunçylyk namalaryna degişli üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek boýunça işler alnyp barylýar.

Halkara we parlamentara gatnaşyklary ösdürmegiň çäklerinde Mejlis BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary we beýleki halkara guramalar bilen yzygiderli hyzmatdaşlyk edýär. Ýylyň başyndan bäri Mejlisiň deputatlary halkara çäreleriň, okuw maslahatlarynyň 14-sine gatnaşdylar, dünýä döwletleriniň parlament wekilleri hem-de ýurdumyzdaky daşary ýurt wekilhanalarynyň, halkara guramalaryň wekilleri bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk meseleleri bilen bagly duşuşyklaryň 13-si geçirildi.

Mejlisde Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Döwlet Dumasynyň Başlygynyň ýolbaşçylygynda ýurdumyza sapar bilen gelen parlament wekiliýeti bilen duşuşyk geçirildi. Onda iki ýurduň halklarynyň bähbidine parlamentara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Geçen döwürde daşary ýurtlara gulluk iş saparlarynyň 6-sy guraldy.

Merkezi saýlaw topary bilen bilelikde Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmäge taýýarlyk görülýär. Dalaşgärleri hödürlemek açyklyk we aýanlyk esasynda geçirilip, olar bellenilen möhletlerde bellige alyndy. Saýlawlary demokratik esaslarda geçirmek maksady bilen, dalaşgärler üçin deň şertler we mümkinçilikler döredildi. Saýlaw toparlary, dalaşgärler, synçylar, habar beriş serişdeleriniň wekilleri üçin gollanmalar taýýarlanyldy we okuw maslahatlary geçirildi.

Mejlisiň deputatlary täze kanunçylyk namalarynyň, döwlet Baştutanymyzyň durmuşa geçirýän içeri we daşary syýasatynyň many-mazmunyny hem-de ähmiýetini düşündirmek boýunça wagyz-nesihat işlerini alyp barýarlar.

Soňra Mejlisiň Başlygy hormatly Prezidentimiziň garamagyna ýurdumyz boýunça döwrebap öýleri sowgat bermäge hödürlenilýän sekiz we şondan köp çagany dünýä inderen zenanlar, şeýle-de "Ene mähri" diýen hormatly ada mynasyp bolýan eneler baradaky maglumatlary hödürledi.

Bellenilişi ýaly, täze öýleriň açarlaryny gowşurmak dabarasy Aşgabat şäherinde 7-nji martda, welaýatlarda bolsa 8-nji martda, köp çagaly enelериň 285-sine Türkmenistanyň "Ene mähri" diýen hormatly adynyň nyşanlaryny gowşurmak çäresini 7-nji martda Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde geçirmek meýilleşdirilýär. Şol gün olaryň ählisi Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde geçiriljek baýramçylyk konsertine çagyrylar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow köp çagaly enelere «Ene mähri» diýen hormatly ady dakmak hakynda Permana gol çekip, hormatly adyň nyşanlaryny, şeýle hem köp çagaly maşgalalara täze öýleriň açarlaryny dabaraly ýagdaýda gowşurmagyň zerurdygyny belledi.

Soňra hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, geçen iki aýda alnyp barlan işleriň netijeleriniň Garaşsyz döwletimiziň depginli ösüşini görkezýändigini kanagatlanma bilen belledi. Jemi içerki önümiň ösüşi 6,2 göterim derejede saklanyp galýar.

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz gazanylan netijeleri saklap galmak bilen çäklenmän, eýsem, olary artdyrmagyň zerurdygyny nygtady. Şoňa görä-de, ýurdumyzy 2023-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny, beýleki kabul edilen maksatnamalary we meýilnamalary durmuşa geçirmegiň üstünde netijeli işlemek, amala aşyrylýan ähli taslamalaryň, toplumlaýyn özgertmeleriň yzygiderli durmuşa geçirilişini üns merkezinde saklamak möhümdir.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow geljek çarşenbe güni ajaýyp baýramyň — Halkara zenanlar güni bolan 8-nji mart baýramynyň dabaraly ýagdaýda bellenilip geçiljekdigine ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz eziz enelerimizi, mähriban gelin-gyzlarymyzy bu baýram bilen tüýs ýürekden gutlap, olara berk jan saglyk, bagtyýarlyk, maşgala abadançylygyny arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# ВЫСТУПЛЕНИЕ
# ПРЕЗИДЕНТА ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРА БЕРДЫМУХАМЕДОВА НА САММИТЕ КОНТАКТНОЙ ГРУППЫ ДВИЖЕНИЯ НЕПРИСОЕДИНЕНИЯ ПО БОРЬБЕ С COVID-19

***(город Баку, 2 марта 2023 года)***

**Уважаемые главы и члены делегаций!**
**Дамы и господа!**

Прежде всего, позвольте выразить признательность Президенту Азербайджанской Республики Его Превосходительству Ильхаму Алиеву за инициативу созыва этого Саммита, его прекрасную организацию и гостеприимство.

Последствия пандемии коронавируса сегодня являются одним из самых актуальных и серьёзных вызовов сов¬ременности. И эта проблема, конечно, не сводится к чисто медицинским аспектам – она напрямую влияет на политические, экономические, социально-гуманитарные реалии глобального развития, подчёркивая необходимость поиска новых адекватных механизмов взаимоотношений государств и международных институтов для преодоления той непростой ситуации, в которой все мы оказались.

В этих условиях роль Движения неприсоединения как объединения государств, исповедующих идеалы равноправия, справедливости и гуманизма, объективно возрастает, требуя от нас активного и инициативного вклада в преодоление последствий COVID, заявления чётких и понятных направлений и приоритетов взаимодействия.

В первую очередь речь идёт о формировании общей политико-мировоззренческой платформы совместной работы. В её основу должны быть заложены принципы солидарности, взаимной помощи, неделимой ответственности. Только так, вместе, объединяя усилия, мы сможем обеспечить условия для преодоления последствий пандемии, гарантий от её повторных проявлений, создания необходимых защитных механизмов, восстановления экономических и торговых связей. Очевидно, что завершение острой фазы пандемии далеко не означает окончательной победы над ней.

И именно поэтому нужно не только не снижать уровень нашего партнёрства, но и последовательно его наращивать.

Среди первоочередных задач видим систематизацию сотрудничества стран ДН по научно-медицинской линии. Требуется активизировать каналы обмена опытом, методиками в сфере противодействия опасным инфекционным заболеваниям, поставить эту работу на регулярную и постоянную основу. Убеждён, у каждой из наших стран есть ценные наработки, успешные примеры, которые призваны стать достоянием всех. В этой связи предлагаем подумать над созданием Единого банка информации и методик ДН по борьбе с инфекционными заболеваниями, доступного для всех членов нашего объединения. В качестве задела для совместной работы в этом направлении полагаю целесообразным обсудить вопрос созыва специальной Конференции медицинских и санитарных ведомств Движения неприсоединения с привлечением практикующих врачей, учёных, экспертов, других представителей медицинского сообщества, а также иных структур и ведомств, имеющих отношение к противодействию новой угрозе и преодолению связанной с ней кризисной ситуации. Разумеется, открытой для всех других заинтересованных государств и организаций.

Важнейшим условием успешной деятельности по преодолению последствий COVID является наше тесное взаимодействие со Всемирной организацией здравоохранения. Время показало, что ВОЗ в целом справилась с возложенными на неё функциями, и оснований сомневаться в её компетенции и профессионализме нет. В данной связи призываем Движение неприсоединения оказывать постоянную политическую, моральную и иную поддержку ВОЗ, подтвердить неизменную приверженность сотрудничеству с этой организацией, признание её главной координирующей роли в деле защиты жизни и здоровья людей в общемировом масштабе.

Думаю, назрела необходимость в создавшейся ситуации наладить эффективные, с минимальными формальностями каналы сотрудничества между Движением неприсоединения и ВОЗ, прежде всего по линии медицинских сообществ наших стран. Давайте подумаем над схемами и формами такой работы.

Пользуясь случаем, я хочу выразить полную поддержку со стороны Туркменистана деятельности ВОЗ, искренне поблагодарить её руководство и сотрудников за их самоотверженную и профессиональную работу. Наша страна будет и дальше тесно взаимодействовать с этой структурой, готова и впредь оказывать ей всяческое содействие.

В данном контексте Туркменистан продолжит продвижение своих ранее высказанных инициатив, направленных на активизацию многостороннего взаимодействия по линии научной дипломатии. В частности, мы подтверждаем выдвинутые ранее предложения нашей страны об учреждении следующих международных и региональных инструментов:

Специальной программы Всемирной организации здравоохранения по изу¬чению генома коронавируса; Многостороннего механизма Всемирной организации здравоохранения по борьбе с пневмонией; Методического центра Всемирной организации здравоохранения по лечению и профилактике острых инфекций; Центральноазиатского регионального центра эпидемиологии, вирусологии и бактериологии.

Также считаем необходимым при содействии и координации с ВОЗ наладить более эффективную и справедливую систему логистики для своевременной и бесперебойной доставки медикаментов и медицинского оборудования наиболее уязвимым с этой точки зрения государствам. Полагаю, здесь нам нужно активнее задействовать каналы взаимодействия и с другими структурами ООН гуманитарной направленности.

**Уважаемые участники!**

В предстоящий период предстоит добиться последовательного выхода на восстановление международных экономических и торговых связей.

В данной связи призываем государства ДН активно работать над восстановлением и укреплением устойчивости международных транспортных систем в условиях чрезвычайных ситуаций. Для этого есть хорошая основа – Резолюция Генеральной Ассамблеи ООН «Укрепление связей между всеми видами транспорта для обеспечения стабильных и надёжных международных перевозок в целях устойчивого развития в период и после пандемии коронавирусного заболевания (COVID-19)», принятая по инициативе Туркменистана 29 июля 2021 года.

Одновременно считаем своевременным приступить к выработке Резолюции Генеральной Ассамблеи ООН «О повышении роли развивающихся стран, не имеющих выхода к морю, в развитии и укреплении глобального транспортного сотрудничества». Представляется, что такой документ способен дать содержательный импульс продвижению интересов этих государств, многие из которых входят в Движение неприсоединения, показать значимость и понимание соответствующих проблем, приверженность мирового сообщества их решению. Туркменистан готов приступить к подготовке документа, открытого для всех конструктивных предложений и рекомендаций. Рассчитываем на участие в этой работе Неприсоединившихся стран.

Также в контексте минимизации негативных экономических последствий пандемии Туркменистан считает необходимым усилить взаимодействие ДН с профильными структурами ООН, в первую очередь с Экономическим и Социальным Советом.

Важнейшим аспектом нашей деятельности в условиях постковидной глобальной экономики является консолидация позиций стран ДН в защите законных прав и интересов развивающихся стран, активном отстаивании справедливости и равноправия в международных экономических отношениях. Здесь наша цель должна быть ясно и принципиально сформулирована: восстановление экономических связей не должно нанести ущерба развивающимся странам, происходить за их счёт.

Убеждён, сегодня у нас есть шанс выстроить новую систему экономического и торгового мироустройства, в котором не будет места дискриминации, искусственным барьерам, несправедливому распределению ресурсов. В признании экономического суверенитета народов и государств голос Движения неприсоединения должен звучать твёрдо и весомо, мы должны инициативно и ответственно продвигать собственную экономическую повестку.

В этой связи огромное значение приобретает активное участие Неприсоединившихся государств в формировании глобальной системы энергетической безопасности, основанной на справедливых и прозрачных принципах, равноправном доступе к источникам энергии и средствам их доставки, учёте и признании интересов поставщиков, покупателей и транзитёров энергоресурсов.

Важнейшим компонентом постковидного восстановления является солидарная работа государств Движения неприсоединения в реализации Целей устойчивого развития, в том числе в такой её части, как продовольственная безопасность. Пандемия обнажила уязвимость именно тех государств, где эта проблема не решена, где население не получает полноценного питания. Необходимы единство и твёрдость позиций Неприсоединившихся стран при рассмотрении вопросов обеспечения доступа государств и регионов к продовольственным ресурсам, в обеспечении гарантий полноценного питания как неотъемлемого права любого человека, ключевого фактора здоровья и нормального физического развития, прежде всего детей.

Разумеется, все перечисленные задачи постковидного восстановления возможны только в условиях прочного мира и равноправия.

Поэтому призываем Неприсоединившиеся страны в предстоящий период усилить свои консолидированные подходы в борьбе за достижение всеобщей стабильности и безопасности, преодолении конфликтов и эскалаций напряжённости, добиваться утверждения в межгосударственных отношениях культуры уважительного диалога, доверия и предсказуемости, укрепления роли международного права и Устава ООН как политико-правового фундамента современного миропорядка и архитектуры безопасности.

Как известно, нынешний год по инициативе Туркменистана объявлен Генеральной Ассамблеей ООН «Международным годом диалога как гарантии мира». Я хотел бы с этой высокой трибуны выразить признательность всем государствам Движения неприсоединения, выступившим в поддержку данной инициативы. Целый ряд из них стали соавторами соответствующей резолюции. Этот факт убедительно показал единство наших целей и устремлений, верность миролюбивым, гуманистическим принципам нашего объединения.

В заключение позвольте выразить благодарность братской Азербайджанской Республике за эффективное председательство в Движении неприсоединения, её большой вклад в выполнение поставленных целей сегодня и в будущем.

## PARTICIPATION OF THE DELEGATION OF TURKMENISTAN IN THE MEETING OF THE HEADS OF FOREIGN AFFAIRS AGENCIES OF THE «C5 + 1»



On February 28, 2023, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan R. Meredov participated in the regular meeting of the heads of foreign ministries of the countries of Central Asia and the United States in the «C5 + 1» format in Astana.

The Ministers of Foreign Affairs of Turkmenistan, Kazakhstan, Kyrgyzstan, Tajikistan, Uzbekistan and the US Secretary of State considered issues of practical cooperation in topical areas of regional development, including the economy, energy, transport, ecology and security.

The participants of the meeting welcomed the consistent increase in the number of regional projects of the Government of the United States of America, including those under the auspices of USAID, aimed at promoting trade, business, transport, logistics and energy ties. Interest was also expressed in expanding cooperation under the Framework Agreement between the United States and the countries of Central Asia on trade and investment (TIFA).

In his speech, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan focused on the need to intensify energy and transport cooperation in the region of Central Asia and the Caspian basin. In the context of the development of energy cooperation, the need was emphasized to diversify energy supplies, enter new consumption markets, create alternative routes, attract investments and technologies in the energy sector, as well as provide appropriate political and legal guarantees for the supply of energy resources to international markets.

Along with this, in the context of expanding regional transport cooperation, the need was noted for building a modern infrastructure for transport corridors, creating transport and logistics hubs, which have great potential.

Regarding migration issues, it was noted that in this direction Turkmenistan actively cooperates with the UNHCR and IOM. Turkmenistan is the first country in Central Asia to accede to the Convention on the Status of Stateless Persons and the Convention on the Reduction of Statelessness. It was emphasized that in recent years, Turkmenistan has granted citizenship to representatives of a dozen nationalities and ethnic groups. At the same time, it was noted that in accordance with the adopted National Program, Turkmenistan plans to eradicate statelessness on its territory by 2024. The Turkmen side proposed a number of specific areas of regional cooperation by enhancing the partnership of the countries of the format through the development of joint plans for interaction with UNHCR and IOM.

In terms of ensuring food security and finding ways to resolve issues to overcome the global food crisis observed throughout the world, the Turkmen side put forward a proposal to hold the International Forum on Food Security in Turkmenistan this year.

One of the key areas on the agenda of the «C5+1» format remains the fight against terrorism and strengthening the security of the borders of the states of the region. In order to support the joint efforts of international organizations and the states of the region, in this context it was proposed to create a mechanism for political consultations on border issues between the countries of Central Asia and the United States, as well as the Program Office of the UN Counter-Terrorism Office for training specialists using modern teaching methods. At the same time, the Turkmen side noted the need to implement in full the UN Global Counter-Terrorism Strategy in Central Asia.

In conclusion, it was emphasized that Turkmenistan remains an active supporter of promoting multifaceted cooperation within the «C5 + 1» framework in all areas of mutual interest without exception.

## В ДУШАНБЕ ОБСУЖДЕНЫ ПРИОРИТЕТЫ ТУРКМЕНО-ТАДЖИКСКОГО СОТРУДНИЧЕСТВА



8-9 марта 2023 года состоялся визит делегации Туркменистана во главе с Заместителем Председателя Кабинета Министров, Министром иностранных дел Туркменистана Рашидом Мередовым в Республику Таджикистан.

8 марта состоялись политические консультации на уровне министров иностранных дел двух стран, в рамках которого был обсужден широкий круг вопросов, связанных с расширением двусторонних отношений, носящих стратегический характер.

Министры отметили значимость контактов на высшем уровне в деле укрепления дружественных связей между нашими странами и народами.

В этой связи были обсуждены вопросы организации государственного визита Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова в Таджикистан в первой половине текущего года.

Также рассмотрены вопросы проведения в сентябре 2023 года в Душанбе Пятой Консультационной встречи глав государств Центральной Азии и очередного заседания Совета Глав государств-учредителей Международного Фонда спасения Арала.

В ходе переговоров было отмечено, активное двустороннее партнерство в рамках международных организаций и на региональных площадках, что в частности отражается в обоюдной поддержке кандидатур и инициатив.

Стороны единогласно сошлись во мнении, что позиции двух стран по многим вопросам международной проблематики и актуальным региональным аспектам совпадают или схожи.

В качестве важного направления двусторонних отношений было выделено межпарламентское сотрудничество.

Было уделено отдельное внимание актуализации договорно-правовой базы.

В контексте инвентаризации торгово-экономического взаимодействия, главы внешнеполитических ведомств отметили необходимость интенсификации работы Совместной туркмен-таджикской межправительственной комиссии по торгово-экономическому и научно-техническому сотрудничеству.

В качестве перспективных направлений были обозначены транспортно-логистическая сфера, промышленная кооперация, текстильная отрасль и другие.

Культурно-гуманитарное сотрудничество выделено в качестве важного направления туркмено-таджикских отношений. В этой связи отмечена значимость проведения перекрёстных Дней культуры, активизация сотрудничества в сфере образования и науки.

В данном контексте таджикская сторона выразила особую признательность за инициативу Туркменистана по строительству общеобразовательной средней школы в Таджикистане.

9 марта Министр иностранных дел Рашид Мередов был принят Президентом Республики Таджикистан Эмомали Рахмоном.

Глава МИД Туркменистана передал Президенту Таджикистана теплые приветствия и добрые пожелания от Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова и Председателя Халк Маслахаты, Лидера Нации Гурбангулы Бердымухамедова.

Рассмотрены вопросы дальнейшего углубления туркмено-таджикских отношений стратегического партнерства, наращивания сотрудничества в области экономики, торговли, энергетики, транспорта и логистики, активизации межрегиональных контактов и культурно-гуманитарного обмена.

Состоялся также обмен мнениями по графику предстоящих встреч.

В рамках состоявшегося визита был проведен ряд встреч представителей туркменской делегации в профильных министерствах и ведомствах Таджикистана.

Также в рамках своего визита делегация Туркменистана совершила рабочую поездку в Хатлонскую область Республики Таджикистан.